# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşdy

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş sapary bilen ugrady we şol ýerde hormatly myhman hökmünde “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşdy. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Russiýa Federasiýasynyň iri sebitleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek däp bolan dostlukly türkmen-rus dialogynyň aýrylmaz bölegidir. Doganlyk Tatarystan bilen köpýyllyk netijeli gatnaşyklar hem munuň aýdyň mysalydyr. Şol gatnaşyklar özara bähbitlilik we uzak möhletleýinlik ýörelgeleri esasynda guralýar. Dürli derejelerde yzygiderli geçirilýän duşuşyklardyr gepleşikler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýadyny emele getirýär. Soňky ýyllarda köpugurly türkmen-tatar gatnaşyklaryna hil taýdan täze itergi berildi. Özara gatnaşyklaryň kuwwatyndan netijeli peýdalanmakda Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki iş toparyna möhüm orun degişlidir. Onuň mejlislerinde hyzmatdaşlygyň derwaýys meseleleri, gazanylan ylalaşyklary amala aşyrmak boýunça çäreler ara alnyp maslahatlaşylýar, häzirki döwrüň ýagdaýlaryny hem-de täze mümkinçilikleri nazara almak bilen, özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary anyklaşdyrylýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň Kazana bu gezekki sapary hem RF-niň Tatarystan Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy, umuman, Russiýa Federasiýasy bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýolunda nobatdaky ädim bolar. Ýurdumyzyň yslam dünýäsiniň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy-da okgunly ösdürilýär. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň 2022-nji we 2024-nji ýyllarda hormatly myhman hökmünde “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum” halkara ykdysady forumlaryna gatnaşandygyny bellemek gerek. Ýurdumyzyň wekiliýeti-de 2009-njy ýyldan bäri her ýyl geçirilýän bu wekilçilikli duşuşyga ençeme gezek gatnaşdy.

Türkmenistanyň, Russiýa Federasiýasynyň hem-de Tatarystan Respublikasynyň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Kazan şäheriniň Gabdulla Tukaý adyndaky Halkara howa menzilinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow, beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar. Bu ýerde Hormat garawuly nyzama düzüldi.

Myhmansöýerligiň asylly däbine görä, Gahryman Arkadagymyza duz-çörek, milli tatar tagamy çak-çak hödürlenildi we gül desseleri gowşuryldy. Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumynyň geçirilýän ýeri bolan “Kazan EKSPO” halkara sergi merkezine geldi hem-de

Все права защищены

forumyň “Sanly ulgam: täze ýagdaýlar we hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin mümkinçilikler” atly plenar mejlisine gatnaşdy.

Geçen ýyllaryň dowamynda bu giň gerimli forum özüni Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyna (YHG) agza ýurtlaryň özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň açyk meýdançasy hökmünde görkezdi. Plenar mejlisiň açylyşynda Yslam banklarynyň we maliýe edaralarynyň baş geňeşiniň (CIBAFI) Baş sekretary Abdelila Belatik giriş sözi bilen çykyş etdi. Ol belent mertebeli myhmanlary, wekiliýetleriň agzalaryny mübärekläp, netijeli döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmekde şu duşuşygyň uly ähmiýetini belledi.

Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary, “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumynyň guramaçylyk komitetiniň başlygy Marat Husnullin Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň foruma gatnaşyjylara iberen Ýüzlenmesini okady.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa söz berildi.

Gahryman Arkadagymyz çykyşynyň başynda «Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025» XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşyjylary mähirli mübärekledi we Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowa halkara ähmiýetli bu möhüm çärä gatnaşmaga çakylyk üçin minnetdarlyk bildirdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, häzirki dünýä ösüşiniň esasy meýilleri, täze geoykdysady hakykatyň, ugurlaryň we görnüşleriň döredilmegi yslam dünýäsiniň öňünde birnäçe uly wezipeleri goýýar. Olary çözmek üçin düýpli oýlanmak zerurdyr. Käbir ýagdaýlarda bolsa onuň häzirki zaman ykdysady dünýä gurluşynda biziň ýurtlarymyzyň orny we mümkinçilikleri barada täzeden pikirlenmegi, ileri tutulýan ugurlary dogry saýlamagy, hakyky artykmaçlyklary doly ulanmagy, pugta amaly esasda mümkinçilikleri birleşdirmegi talap edýändigi aýdyňdyr. Gahryman Arkadagymyz şular barada aýtmak bilen, häzirki wagtda yslam dünýäsiniň ählumumy ykdysady ösüşde öňdebaryjylaryň biri hökmünde çykyş etmegi üçin ähli mümkinçilikleriň bardygyna ynam bildirdi. Biziň ýurtlarymyz demografiýa, tebigy serişdeler, geografik ýerleşiş ýaly ugurlarda ajaýyp görkezijilere eýedir. Tehnologik dereje gyşarnyksyz ösdürilýär. Maliýe we guramaçylyk mümkinçilikleri ýokarlandyrylýar, ylym-bilim binýady berkidilýär. Bularyň ählisi dürli ugurlarda iri, ösüş maksatly taslamalary öňe sürmekde gowy şertler bolup durýar, ählumumy ykdysady we maýa goýum giňişliginde yslam dünýäsine degişli ýurtlaryň ornuny hem-de ähmiýetini artdyrýar.

Все права защищены

Türkmenistanyň halkara ykdysady hyzmatdaşlyga garaýşy energetika, ulag-logistika we tehnologik ugurlary ileri tutmaga esaslanýar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz yslam döwletleriniň Ýewraziýanyň Aziýa — Ýuwaş umman sebitinden Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlaryna çenli yklymy baglanyşdyrýan bitewi energetika, ulag we tehnologik guşagyny döredip biljekdiklerini belledi. Hyzmatdaşlygyň şeýle görnüşi amala aşyrylan ýagdaýynda, energiýa serişdeleriniň, harytlaryň, hyzmatlaryň gysga ýol arkaly eltilmegi üpjün ediler. Şonuň netijesinde, uly giňişlikler, kuwwatly senagat we çig mal merkezleri birleşdiriler. Strategik babatda şeýle guşak ählumumy özara gatnaşyklaryň köprüsi bolup biler. Munuň bolsa haryt-nyrh syýasatyna, umuman, dünýä ykdysadyýetiniň ähli ýagdaýyna oňyn täsir edip biljekdigi gürrüňsizdir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan öz teklip eden «Beýik Ýüpek ýoluny täzeden dikeltmek» strategiýasyny iş ýüzünde işjeň ilerledýär diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady.

Biziň ýurdumyzyň parahatçylyga, durmuş adalatlylygyna we gadymdan gelýän gymmatlyklara eýermegi şeýle döredijilikli usulyň möhüm şerti bolup çykyş edýär. Munuň özi biziň üçin ahlak esaslarynyň özeni we daýanjydyr. Ol ykdysady we täjirçilik soraglaryndada öz beýanyny tapýar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz bu babatda yslam dünýäsiniň hyzmatdaşlygyň netijeli, özüne çekiji nusgalaryny görkezip biljekdigine ynam bildirdi. Şu maksatlara ýetmek üçin yslam ýurtlarynyň ylalaşylan energetika syýasatyny alyp barmagy, halkara üstaşyr geçelgeleriň netijeliligini ýokarlandyrmagy we ony ýeňilleşdirmek soraglaryny utgaşdyrmagy, logistika baglanyşygyny berkitmegi zerur bolup durýar. Şunda Milli Liderimiz Türkmenistanyň garaýşynyň hemişe deňhukukly gatnaşyklara hem-de ählumumy we sebit ýagdaýlaryna ähli gatnaşyjylaryň bähbitleriniň ykrar edilmegine esaslanýandygyny aýtdy. Hususan-da, biziň ýurdumyz hyzmatdaşlygyň syýasylaşdyrylmagyna, energetika, ulag akymlarynyň birtaraplaýyn çäklendirilmegine garşy berk çykyş edýär. Olaryň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmeginiň we giň halkara gatnaşyjylar üçin elýeterli bolmagynyň zerurdygynyň tarapdary bolup durýar.

Türkmenistan ählumumy we sebit derejesinde yzygiderli, durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda bilelikde işlemek üçin iň amatly şertleriň döredilmeginiň yslam dünýäsiniň örän möhüm wezipesi bolup durýandygyny belleýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan yslam ýurtlarynyň bähbitleriniň utgaşykly bolmagyny, olaryň özara düşünişmegini gazanmak, ykdysady hyzmatdaşlygyň bähbitlidigine we geljeginiň uludygyna düşünmek üçin diplomatiýany gural hökmünde netijeli ulanmagyň mümkinçiliklerinden ugur alýar diýip, hormatly Arkadagymyz sözüni dowam etdi. Türkmenistan bu kadalary iş ýüzünde durmuşa geçirýär, ilkinji nobatda, olary Aziýada giň möçberli we uzak möhletleýin energetika, ulag hem-de üpjünçilik ulgamlaryna degişli taslamalary amala aşyranda ulanýar. Bu ýerde gürrüň Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan —

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026

Owganystan — Pakistan ugry boýunça elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlary, Merkezi we Günorta Aziýany Ýakyn hem-de Uzak Gündogar bilen baglanyşdyrýan demir ýollar ýaly halkara ähmiýetli desgalaryň gurluşygy barada barýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu agzalan taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň energetika howpsuzlygynyň derejesini düýpli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berjekdigine, energiýa çig malynyň çeşmeleriniň köp ýurtlara elýeterli bolmagyny üpjün etjekdigine, şeýle hem esasy ulag ýollaryna çykmaga, dürli söwda we täjirçilik gatnaşyklaryny ösdürmäge, täze iş orunlaryny döretmäge, köp durmuş soraglaryny çözmäge şert döretjekdigine ynam bildirdi. Bu bolsa, ahyrky netijede, syýasy ýagdaýy durnuklylaşdyrmaga, töwekgelçiliklerdir howplaryň azalmagyna, döwletara gatnaşyklarda ynanyşmagy we aç-açanlygy ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan hem ylalaşylan kadalarda we ölçeglerde işleýän, Ýewropa we Aziýa — Ýuwaş umman sebitlerini birleşdirýän, Hazar we Gara deňizleriniň sebitleriniň çäklerinden geçýän Ýewraziýa multimodal ulag ugurlaryny durmuşa geçirmegiň üstünde netijeli iş alyp barýar. Munuň özi guramaçylyk, hukuk, ykdysady, maliýe hem-de tehnologik soraglaryň toplumyny çözmekde ulgamlaýyn işleri talap edýär. Elbetde, bu tagallalar düýpli syýasy-diplomatik goldawy, Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde çözgütleriň goldanylmagyny we kabul edilmegini talap edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri bu babatda yslam ýurtlarynyň raýdaşlyk ornunyň möhüm ähmiýete eýe boljakdygyna ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz yslam maliýe we ykdysady institutlaryna, maýa goýum gaznalaryna ýurtlarymyzyň gatnaşýan halkara ykdysady taslamalaryna iş ýüzünde giňden ýardam bermegi, şeýle hem BMG-niň we beýleki abraýly halkara düzümleriň derejesinde kabul edilýän strategik çözgütleri amala aşyrmaga gatnaşmagy teklip etdi.

Azyk howpsuzlygyny üpjün etmegi-de hyzmatdaşlygymyzyň wajyp ugry hasap edýäris. Bu wezipe häzir Ýer ýüzüniň birnäçe sebitinde bolup geçýän, ýeňil bolmadyk geosyýasy we ykdysady ýagdaýlarda aýratyn möhümdir diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. Türkmenistan Azyk howpsuzlygy boýunça yslam guramasyna gatnaşyjy ýurt hökmünde ylalaşylan syýasatyň alnyp barylmagy ugrunda çykyş edýär. Şeýle hem dürli sebäplere görä, azyk önümleriniň we durmuşda zerur bolan beýleki harytlaryň ýetmezçiligi bilen ýüzbe-ýüz bolan yslam ýurtlarynyň bähbitlerini goramagyň tarapdary bolup durýar. Biziň ýurdumyz bu kadalary iş ýüzünde amala aşyrýar. Hususan-da, Türkmenistan owgan halkyna raýdaşlyk bildirip, köp ýyllaryň dowamynda azyk önümlerini, çaga iýmitini, ýyly egin-eşikleri, derman serişdelerini, hususy arassaçylyk serişdelerini ynsanperwerlik kömegi hökmünde doganlyk goňşy ýurda iberýär. Biz bu işlerimizi geljekde hem dowam etdireris diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy sözüniň üstüni

Все права защищены

ýetirdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, tehnologiýalar hyzmatdaşlygyň ýene-de bir möhüm ugry bolup durýar. Biziň ýurtlarymyz, aýratyn-da, soňky ýyllarda ýokary tehnologiýalar, innowasion işläp taýýarlamalar, emeli aň ulgamynda uly tejribe topladylar. Bu mümkinçilikler dünýä hojalyk gatnaşyklaryna doly deňhukukly goşulmak üçin ösüşiň öňdebaryjy orunlaryna çykmakda yslam dünýäsiniň döwletleriniň umumy tagallalarynda ulanylyp bilner we ulanylar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz döwletlerimiziň tehnologik kooperasiýalarynyň ugurlaryny, tejribe alyşmagy, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagy, bilelikdäki köpugurly innowasion maksatnamalary we tejribe ähmiýetli düýpli barlaglaryň taslamalaryny işe girizmegi ulgamlaýyn, yzygiderli esasda ýola goýmagynyň maksadalaýyk hasaplanýandygyna ünsi çekdi.

Kazanda bolmak bilen, Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň doganlyk Tatarystan Respublikasynyň hyzmatdaşlygynda ýetilen sepgitleri we bitirilen hyzmatlary aýratyn bellemek isleýärin. Tatarystanly kärdeşlerimiz bilen gatnaşyklar biziň ýurdumyzyň Russiýa, onuň sebitleri bilen söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryny ösdürmekde netijeli hyzmatdaşlygyň nusgalyk mysaly bolup durýar diýip, Milli Liderimiz aýtdy. Şunda Tatarystan kuwwatly tehnologik, serişde we senagat mümkinçilikleri babatda hem, Türkmenistan bilen taryhy gatnaşyklary babatda hem aýratyn orny eýeleýär.

Biziň ýurdumyz Tatarystan Respublikasy bilen energetika pudagynda, senagat, ulag, söwda we beýleki birnäçe ugurlar boýunça bilelikdäki işleri alyp barýar. Gahryman Arkadagymyz bu babatda Russiýa Federasiýasynyň ýolbaşçylary we Hökümeti tarapyndan berilýän goldawy aýratyn belläp, şeýle garaýyş üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de onuň Türkmenistanyň we Russiýanyň halklarynyň uzak möhletleýin, düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigine ynam bildirdi. Bu bolsa iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ruhuna, mazmunyna doly laýyk gelýär.

Elbetde, yslam ýurtlarynyň we Russiýanyň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi, ynanyşmagy, hyzmatdaşlygy berkitmekde Tatarystan Respublikasynyň, hut hormatly Baştutan Rustam Nurgaliýewiç Minnihanowyň netijeli we döredijilikli ornuny bellemegi wajyp hasaplaýaryn. Bu möhüm wezipe Tatarystan Respublikasynyň hem-de onuň ýolbaşçylarynyň diňe bir yslam döwletlerinde däl, eýsem, bütin dünýäde-de uly abraý gazanandygyny görkezdi diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady. Çykyşynyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz yslam dünýäsiniň bir bölegi hökmünde Türkmenistanyň onuň ähli halklary bilen doganlyk, raýdaşlyk we hormat goýmak gatnaşyklaryna düýpli eýerýändigini, bu gatnaşyklary ösdürmäge hem-de berkitmäge, biziň ýurtlarymyzyň parahatçylyk, abadançylyk we gülläp ösüş bilen bagly işlerine öz goşandyny goşmaga taýýardygyny

Все права защищены

tassyklady.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň çykyşy uly gyzyklanma we üns bilen diňlenildi.

Soňra Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahim çykyş edip, Kazanda geçýän forumyň ähmiýetini nygtady. Şunda türkmen halkynyň Milli Lideriniň beýan eden, ýokary tehnologiýalar ulgamyndaky mümkinçilikleri, häzirki wagtda aýratyn ähmiýete eýe bolan innowasion işläp taýýarlamalary, emeli aňy ulanmaga degişli teklipleriniň derwaýysdygy bellenildi.

Soňra Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow ýygnananlara ýüzlendi. Ol Gahryman Arkadagymyza çuň manyly çykyşy we umumy abadançylygyň, ösüşiň bähbidine döwletara gatnaşyklary okgunly ilerletmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlary üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

“Kazan EKSPO” halkara sergi merkezinden Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutanynyň bilelikdäki awtoulag kerweni Kazan Kremline tarap ugrady. Bu taryhy-binagärlik toplumynyň çäginde Tatarystanyň Baştutanynyň resmi kabulhanasy ýerleşýär.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowyň duşuşygy boldy.

R.Minnihanow Milli Liderimizi ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mübärekläp, belent mertebeli myhmana “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşmak üçin Kazana gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi, şeýle hem netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça beýan eden başlangyçlary üçin hoşallyk bildirdi.

Tatarystanyň Baştutany Türkmenistan bilen Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça okgunly ösdürilýändigini aýdyp, netijeli ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmakda Gahryman Arkadagymyzyň uly goşandyny aýratyn belledi. Mümkinçilikden peýdalanyp, R.Minnihanow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow mähirli kabul edilendigi we ýurdumyzyň wekiliýetine bildirilen

Все права защищены

myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, Tatarystanyň Baştutany bilen Kazanda duşuşýandygyna örän şatdygyny belledi hem-de oňa hormatly Prezidentimiziň mähirli salamyny ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz “Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşmaga çakylygy üçin hoşallygyny bildirip, meýilleşdirilen ähli çäreleriň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, her ýyl Kazanda şeýle möhüm ähmiýetli çäreleriň geçirilmegi Tatarystanyň ýokary abraýyna hem-de oňa uly halkara gyzyklanmanyň bildirilýändigine şaýatlyk edýär. Bu çäreler Russiýa Federasiýasynyň yslam dünýäsiniň ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklaryny işjeňleşdirmäge gönükdirilendir. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň wekiliýetiniň şu saparynyň we dürli meýdançalarda geçiriljek duşuşyklaryň türkmen-rus strategik hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup durýan ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge saldamly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda türkmen-tatar hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, halklarymyzyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklaryň däp-dessurlaryň, dilleriň meňzeşligine, medeniýetleriň umumylygyna, özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga esaslanýandygy nygtaldy. Ýokary derejede yzygiderli geçirilýän duşuşyklar netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutanynyň şu ýyl Türkmenistana amala aşyran saparynyň ähmiýetine üns çekildi. Saparyň barşynda onuň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Gahryman Arkadagymyz bilen duşuşyklary boldy. Şunda duşuşyklaryň çäklerinde gazanylan ylalaşyklaryň türkmen-tatar gatnaşyklaryna täze itergi berjekdigine ynam bildirildi. Şeýle-de Türkmenistanyň we Tatarystanyň söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda nebitgaz pudagynda, gämi gurluşygynda, awiasiýa, awtomobil ýük daşaýjy tehnikalaryň iberilmeginde netijeli hyzmatdaşlyk edýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Medeni-ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklar hem okgunly ösdürilýär.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Tatarystanyň Baştutany Rustam Minnihanow köpugurly türkmen-tatar gatnaşyklarynyň Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň çäklerinde mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege berk jan saglyk, işlerinde üstünlikleri, doganlyk halklarymyza bolsa abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdiler.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideriniň hormatyna Tatarystan Respublikasynyň

Все права защищены

Baştutanynyň adyndan günortanlyk nahar berildi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz we Tatarystanyň Baştutany hem-de RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Döwlet geňeşçisi Mintimer Şaýmiýew söhbetdeş boldular. Söhbetdeşligiň dowamynda türkmen-tatar gatnaşyklarynyň ýokary derejesi kanagatlanma bilen bellenildi hem-de onuň kuwwatynyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly mümkinçilikleri döredýändigi aýdyldy. Şunda Türkmenistanyň we Tatarystanyň halklarynyň umumy abadançylygynyň bähbidine laýyk gelýän gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirildi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Kazanyň iň meşhur teatrlarynyň biri bolan Galiasgar Kamal adyndaky Tatar döwlet akademiki teatryna baryp gördüler. Teatryň şu ýyl açylan täze binasynda we içki bezeglerinde tatar halkynyň medeni däpleri bilen binagärligiň häzirki zaman meýilleri sazlaşykly utgaşdyrylypdyr. Milli Liderimiz we Tatarystanyň Baştutany bu ýerde teatr zallarynyň enjamlaşdyrylyşy, döredijilik toparynyň netijeli işlemegi hem-de tomaşaçylar üçin döredilen şertler bilen tanyşdylar.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany bilelikde Gabdulla Tukaý adyndaky Halkara howa menziline ugradylar.

Gahryman Arkadagymyz we Rustam Minnihanow Türkmenistanyň hem-de Tatarystanyň däp bolan dostlukly, köpugurly, netijeli hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny ýene-de bir gezek tassyklap, mähirli hoşlaşdylar we iki doganlyk halka iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri uçarda Watanymyza ugrady.

***

“Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum 2025” XVI halkara ykdysady forumynyň çäklerinde “Kazan EKSPO halkara sergi merkezinde “Russia Halal EXPO 2025” halkara sergisi geçirilýär. Oňa Türkmenistan hem gatnaşýar. Serginiň maksady halal ulgamyny wagyz etmekden we onuň mümkinçiliklerini görkezmekden, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda, ykdysady, durmuş-medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, önüm öndürijilere öz önümlerini görkezmek, täze bazarlara çykarmak üçin mümkinçilikleri hödürlemekden ybaratdyr. Bu giň gerimli maýa goýum we infrastruktura taslamalarynyň sergisi häzirki döwrüň ýagdaýlaryny hem-de geljegi nazara almak bilen, döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, foruma gatnaşyjylaryň arasynda netijeli dialogy ösdürmek, işewürlik gatnaşyklaryny höweslendirmek, işewürlik duşuşyklarynydyr gepleşikleri geçirmek, dürli ulgamlarda özara tejribe alyşmak üçin açyk meýdança bolup hyzmat edýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026

30 müň inedördül metr meýdanda Russiýa Federasiýasynyň subýektlerine we sebitlerine, daşary ýurtlara, wekilçilik edýän döwlet we işewürlik düzümleriniň pawilýonlary, şol sanda Türkmenistanyň hem milli pawilýony ýerleşýär. Bu ýerde ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň gazananlary we önümleri, şol sanda azyk harytlarynyň önümçiligi, oba hojalygy, senagat pudagy, hususan-da, ugurdaş enjamlaryň, gurluşyk we timarlaýyş serişdeleriniň, mebelleriň, halkyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligidir hyzmatlar ulgamy, innowasion tehnologiýalar, maliýe hem-de maýa goýum mümkinçilikleri görkezilýär. Şunuň bilen bir hatarda, sergi ulag-kommunikasiýa, saglygy goraýyş, bilim-ylym, syýahatçylyk, sport ýaly ulgamlarda öňdebaryjy işläp taýýarlamalar bilen tanyşmaga şert döredýär.

Ýurdumyzyň bu iri gözden geçirilişe gatnaşmagy diňe bir Russiýanyň iri sebitleri we beýleki sergä gatnaşýan döwletler bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge itergi bermän, eýsem, Türkmenistanyň dünýäniň halal bazarynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga, maýa goýum gatnaşyklaryny işjeňleşdirmäge, geljegi uly bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge-de ýardam eder. Türkmenistanyň milli pawilýony ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň ählisinde, şol sanda hususy pudakda gazanylýan üstünlikler, uzak möhletli, özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin bar bolan kuwwat bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Döwrebap bazar gatnaşyklary esasynda ösdürilýän ýokary netijeli, köpugurly ykdysadyýeti kemala getirmek, senagatlaşdyrmak, sanly ulgamy ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek bilen bagly wezipeleri çözmek, eksport mümkinçiliklerini artdyrmak türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanyp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän öňdengörüjilikli strategiýanyň esasy maksadydyr. Toplumlaýyn özgertmeler Watanymyzy okgunly ösdürmäge, öňdebaryjy ylmy işläp taýýarlamalary, ýokary tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga gönükdirilendir.

Şunda hususy pudagy goldamaga uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda bu ulgamyň wekilleri dürli pudaklarda netijeli işleýärler. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan işewür düzümleriň netijeli işlemegi içerki bazarda haryt bolçulygyny üpjün etmäge, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, eksport ugurlaryny giňeltmäge ýardam edýär. Häzirki wagtda “Türkmenistanda öndürildi” haryt nyşanly önümler daşary ýurtlarda uly meşhurlyga eýedir.

Ýurdumyzyň pawilýonynda ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň, şol sanda nebitgaz, himiýa, azyk, dokma senagatynyň önümleri, gurluşyk, timarlaýyş serişdeleri görkezilýär. Bu ýerde aýakgaplaryň, gön önümleriniň, beýleki senagat harytlarynyň nusgalary-da goýlupdyr. Önümçiligiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy hem-de sanly ulgama geçilmegi esasynda,

Все права защищены

ýurdumyzyň elektron senagaty okgunly ösýär. Sergide bu ulgamyň gazananlary elektron enjamlaryň dürli görnüşleri, kompýuter tehnikalarynyň nusgalary arkaly giňden beýan edilýär. Şeýle hem ulag-kommunikasiýa pudagy öz mümkinçiliklerini görkezýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy boýunça “akylly” şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheri ýurdumyzyň innowasion ösüşiniň, ylmy-tehniki gazananlarynyň iş ýüzünde giňden ulanylýandygynyň aýdyň nyşany bolup durýar. Türkmenistanyň pawilýonynda halkymyzyň medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýan milli sungatyň däp bolan görnüşleriniň önümleri hem görkezilýär. Şolaryň hatarynda meşhur türkmen halylary, ajaýyp şaý-sepler bar. Zehinli türkmen halyçylarynyň, zergärleriniň döreden bu eserleri gözelligi, inçeligi bilen tutuş dünýäde meşhurdyr. Şeýle hem bu ýerde milli saz gurallary görkezilýär. Sergi bölüminde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkynyň baý taryhyna, medeniýetine, Watanymyzyň häzirki döwürde gazanýan üstünliklerine bagyşlanan kitaplary-da aýratyn orun eýeleýär.

Şeýlelikde, halkara ykdysady foruma we “Russia Halal EXPO” sergisine gatnaşýan döwletleriň işewür toparlarynyň wekilleri ýurdumyzyň ägirt uly ykdysady kuwwaty bilen ýakyndan tanyşmaga, türkmen kärdeşleri bilen özara gatnaşyklaryň geljegi uly ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik alýarlar. Türkmenistanyň bu ýerdäki pawilýonynyň sergä gelen köp sanly myhmanlarda uly gyzyklanma döredendigini bellemek gerek.

Halkymyzyň asylly däplerine görä, myhmanlara şu ýyl zähmetsöýer ekerançylarymyz tarapyndan ýetişdirilen ilkinji hasylyň naz-nygmatlary hödür edildi. Myhmanlar datly miweleriň, gök-bakja ekinleriniň önümleriniň süýji tagamyna mynasyp baha berdiler. Sergä gelenleriň arasynda Kazanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan türkmen talyplary-da bar. Elbetde, sahawatly türkmen topragynda ýetişdirilen ir-iýmişlerden dadyp görmek mümkinçiligi ýaş watandaşlarymyzda uly kanagatlanma duýgusyny döretdi.

Sergä gatnaşyjylar Türkmenistanyň sergi bölüminiň guramaçylyk derejesine ýokary baha berdiler. Bu iri gözden geçiriliş ýurdumyzyň gazanýan uly üstünliklerini görkezýär hem-de gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ählisi bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Все права защищены